Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2025-nji ýylyň 17-nji iýulyndaky 97-iş belgili
**BUÝRUGY**

**Pensiýalary ýa-da döwlet kömek pullaryny alýanlaryň Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda sanly ulgam arkaly bellenilmeginiň tertibini tassyklamak barada**

Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksiniň 8-nji maddasynyň üçünji bölegine, «Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda», «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda, **buýurýaryn**:

1. Pensiýalary ýa-da döwlet kömek pullaryny alýanlaryň Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda sanly ulgam arkaly bellenilmeginiň tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň dolandyryjysynyň orunbasarlary M.Annaýarow we W.Orazgylyjow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2025-nji ýylyň 17-nji iýulynda çykaran 97-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

**Pensiýalary ýa-da döwlet kömek pullaryny alýanlaryň Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda sanly ulgam arkaly bellenilmeginiň tertibi**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Pensiýalary ýa-da döwlet kömek pullaryny alýanlaryň Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda sanly ulgam arkaly bellenilmeginiň tertibi (mundan beýläk – Tertip) Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksiniň 8-nji maddasynyň üçünji bölegine (mundan beýläk – Kodeks), «Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda», «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda», «Maglumat we ony goramak hakynda», «Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Tertip pensiýalary ýa-da döwlet kömek pullaryny alýanlary Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda sanly ulgam arkaly bellenilmeginiň tertibini kesgitleýär.

3. Şu Tertipde beýan edilen adalgalar we düşünjeler Kodeksde kesgitlenen manylarda ulanylýar.

4. Şu Tertibiň maksatlary üçin şu düşünjeler ulanylýar:

1) **mobil goşundy** – mobil enjamlarda elýeterli bolan, menzilara barabar etmegi üpjün edýän we Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda pensiýalary ýa-da döwlet kömek pullaryny alýanlaryň uzak aralykdan bellenilmegi üçin niýetlenen programma üpjünçiligidir;

2) **barabar etmek** (identifikasiýa) – Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda pensiýalary ýa-da döwlet kömek pullaryny alýan şahslar baradaky maglumatlary anyklamak we olaryň barlagy boýunça çäreleriň jemi;

3) **mobil enjam** – Android, iOS we Windows operasion ulgamlarynda işleýän mobil telefon, smartfon, planşet kompýuter we beýleki enjamlar;

4) **peýdalanyjy** – Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda pensiýalary ýa-da döwlet kömek pullaryny alýan, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda bellenilmegi amala aşyrmak maksady bilen, Internet toruna birikdirilýän mobil enjamdan peýdalanýan şahs;

5) **işjeňleşdirmek** (aktiwleşdirmek) – Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýana mobil goşunda giriş hukugyny bermegiň iş tertibi.

5. Pensiýa, döwlet kömek puly, ony alýan adamyň arzasy boýunça onuň bankda açylýan hasabyna ýa-da bank kartyna geçirilip bilner. Şeýle ýagdaýda pensiýalary ýa-da döwlet kömek pullaryny alýanlar her alty aýdan bir gezek

Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda bellenilmäge borçludyrlar.

6. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda bellenilmek Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasyna gelmek ýa-da sanly ulgam arkaly amala aşyrylýar.

7. Sanly ulgam arkaly bellenilmek üçin peýdalanyjyda «Android», «iOs» ýa-da «Windows» operasion ulgamlarynda işleýän programma üpjünçiligi birikdirilen mobil enjamy bolmalydyr. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda sanly ulgam arkaly bellenilmek ýörite mobil goşundyny ulanmak bilen amala aşyrylýar.

8. Pensiýalary ýa-da döwlet kömek pullaryny alýanlaryň Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda sanly ulgam arkaly bellenilmegi diňe Türkmenistanyň çäginde amala aşyrylýar.

9. Mobil goşundyny tehniki goldamak, dolandyrmak we döwrebaplaşdyrmak işleri Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy tarapyndan amala aşyrylýar. Mobil goşundy Türkmenistanyň çäginde ulanylýar.

10. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy mobil goşundynyň interfeýsini, mobil goşundynyň mazmunyny üýtgetmäge ýa-da onuň üstüni ýetirmäge, mobil goşundynyň web-wersiýasyny döretmäge, şeýle hem bellenilmegi amala aşyrmaga barabar etmek üçin enjamy gurnamaga we ulanyşa girizmäge haklydyr.

11. Mobil goşundy Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň (mundan beýläk – Ministrlik) resmi web-saýtynda, şeýle hem beýleki Internet çeşmelerinde elýeterlidir.

## II bap. Mobil goşundy arkaly Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda bellenilmek

12. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda mobil goşundy arkaly bellenilmäge isleg bildiren adamyň hasaba goýulmagy Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda amala aşyrylýar.

13. Peýdalanyjy hökmünde mobil goşundyda bellenilmegiň amala aşyrylmagy üçin pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýan tarapyndan şu aşakdaky yzygiderlilikde hereketler ýerine ýetirilmelidir:

1) peýdalanyjy mobil goşundyny mobil enjama ýükleýär we gurnaýar;

2) esasy maglumatlaryň girizilmegi, ýagny mobil goşundy ilkinji gezek işe girizilende peýdalanyjy oňa özüniň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi baradaky maglumatlaryny, atly hasabynyň ätiýaçlandyrma belgisini we mobil telefonynyň belgisini girizýär;

3) peýdalanyjynyň mobil telefonynyň belgisiniň tassyklanmagy, ýagny mobil telefonynyň görkezilen belgisine barlaýjy kody bolan SMS habary ugradylýar, peýdalanyjy alnan kody mobil goşunda girizmek bilen telefon belgisini tassyklaýar;

4) surata düşürilmegi, peýdalanyja öz ýüzüni diňe anfas görnüşinde, ýagny ýüzüni kamera bakdyrmak bilen ekrandaky görkezmelere eýerip surata düşmek teklip edilýär, mobil goşundy suratyň hilini barlaýar, zerur halatynda prosesi

gaýtalamagy soraýar;

5) deslapky bellige alyş, surata şowly düşülenden soň mobil goşundy deslapky bellige alyşyň tamamlanandygyny habar berýär;

6) Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasyna barmagyň zerurdygy hakynda habarnama, ýagny peýdalanyjy mobil goşundyny işjeňleşdirmek üçin Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasyna bir gezek barmalydygy hakyndaky we zerur resminamalaryň sanawy baradaky habary alýar;

7) mobil goşundynyň hasaba alyş ýazgysyny işjeňleşdirmek, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynyň hünärmeni tarapyndan pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny alýanlaryň Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasyna barmagy bilen zerur resminamalary barlanylýar, onuň maglumatlary ulgamdaky maglumatlar bilen deňeşdirilmegi netijesinde peýdalanyjynyň mobil goşundysynyň hasaba alyş ýazgysy işjeňleşdirilýär;

8) bellige alyşyň tamamlanmagy, mobil goşundy işjeňleşdirilenden soň peýdalanyjy bellige alyşyň üstünlikli tamamlanandygy hakyndaky habary (push) alýar, mobil goşunda indiki gezek girilende peýdalanyjy ähli funksiýalardan, şol sanda sanly bellenilmek mümkinçiliginden peýdalanyp bilýär.

14. Mobil goşundyda suraty täzelemek funksiýasy göz öňünde tutulýar.Suraty täzelemek we täze suraty işjeňleşdirmek üçin peýdalanyjynyň zerur resminamalar bilen Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasyna barmagy zerurdyr. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynyň hünärmeni peýdalanyjy tarapyndan hödürlenen resminamalary barlaýar, täze suraty peýdalanyjynyň şahsyýeti bilen deňeşdirýär we ulgamda täze suraty işjeňleşdirýär.

## III bap. Mobil goşundynyň maglumat howpsuzlygy

15. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy mobil goşundynyň maglumat howpsuzlygyny üpjün etmäge, şol sanda peýdalanyjynyň razylygy bolmazdan onuň şahsy maglumatlarynyň ýygnalmagyna, saklanylmagyna, peýdalanylmagyna we ýaýradylmagyna ýol bermezlige borçlanýar.

16. Mobil goşundynyň maglumat howpsuzlygy «Aragatnaşyk hakynda», «Kiberhowpsuzlyk hakynda», «Maglumat we ony goramak hakynda» hem-de «Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

17. Peýdalanyjy mobil goşundyny ulanyp, onuň maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilmegi baradaky talaplaryny ýerine ýetirmäge borçlanýar.

18. Maglumat ulgamynyň howpsuzlygynyň ýa-da mobil goşundyny peýdalanmagyň düzgünleriniň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige getirip bilýär.

19. Peýdalanyjy tarapyndan maglumat howpsuzlygynyň we mobil goşundyny peýdalanmagyň düzgünleriniň bozulmagy Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy tarapyndan goragyň guramaçylyk çäreleri we goragyň tehniki serişdeleriniň kömegi bilen kesgitlenilýär hem-de aradan aýyrmak boýunça çäreler görülýär.

20. Peýdalanyjy mobil goşundynyň ulanylmagy bilen bagly maglumatlaryň,

şol sanda özüniň mobil enjama we (ýa-da) mobil goşunda we onuň hyzmatlaryna girmek üçin ulanýan maglumatlarynyň (atly hasabynyň ätiýaçlandyrma belgisi, telefon belgisi, agza ady (login), açar sözi (parol), kod we beýleki maglumatlarynyň) goraglylygyna we aýan edilmezligine hem-de mobil goşundyny ulanmak arkaly amala aşyrylýan ähli hereketlere (hereketsizliklere) özbaşdak jogap berýär.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

21. Peýdalanyjy özüniň Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda bellenilmegi amala aşyrýan mobil enjamyny ýitiren, zeper ýeten ýa-da ogurladan ýagdaýynda, ol bu barada Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasyna habar bermelidir.

22. Pensiýalary ýa-da döwlet kömek pullaryny alýanlaryň Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda sanly ulgam arkaly bellenilmegi babatda ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

23. Şu Tertip bilen düzgünleşdirilmedik gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2025-nji ýylyň 27-nji awgustynda 1899 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.